# Gözel gyz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gözel gyz GÖZEL GYZ

Gözümde keşbiň bar,
Kalbymda ornuň,
Gözel gyz, dünýäniň görki sen, görki.
Men bir guşy boldum yşk diýlen toruň,
Gözel gyz ömrümiň örki sen, örki.

Kalbyň – güneşdendir,
Gözüň ýyldyzdan.
Sen ekeniň aglan göwnüm ýylgyrdan,.
Bakyşlaryň parran geçdi ýyllardan,
Gözel gyz ynamyň berki sen, berki.

Seniň gülüşleriň bilbile meňzeş,
Sen-ä maňa deňdeş, gül-güle deňdeş.
Mübärek ädimiň gel, bile deň goş,
Gözel gyz ýüregmiň erki sen, erki.

WATAN WASPY

Watan saňadyr niýetim,
Mährimi saçyp gezerin.
Sygynanym sahawatym,
Pişme deý seçip gezeýin,

Janym Watan ýeke-täksiň,
Özüňe söýgümiz çäksiz,
Nurly didäme çyragsyň,
Kalbymy açyp gezerin.

Şa şahyryň şa diwany
beýgeldýär Altyn zamany,
Ýüze sylyp Ruhnamany,
Manysyn açyp gezerin.

Arslan DIWANOW.

“Beýik Türkmenbaşy nesli” gazeti, 2006 ý. Goşgular